# Obama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Obama OBAMA

Garrynohur obam, damarda ganym,
Oglanlyk mekanym, arzuw-armanym.
Söýýän seni, Ahalyň giň çäginde
Barlygyň üçin!

Söýýän, daglaryňy, dere, zawyňy.
Çynaryň, deregiň, çeşme, çaýyňy.
Söýýän ýene, daglaň üstünde ýatan
Garlaryň üçin!

Ýazyň, güýzüň bilen tomus, gyşyňy,
Ümür, ýagyşyňy, degre-daşyňy.
Söýýän baglaryňda üzümdir, injir,
Narlaryň üçin!

Geldik dostlar bile goýnuňa ýene,
Gujak açýaň, hormat edýäň gelene.
Söýýän, myhman söýşüň, hödür-kereme
Zorlygyň üçin!

Guwandyrýar ulis-ilde hormatyň,
Egsilmesin bereketiň, nygmatyň.
Söýýän asly gerçeklere, ärlere
Ýarlygyň üçin!

2019 ý. Goşgular